# Gyrp-çyrplar

Category: Goşgular,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gyrp-çyrplar GYRP ÇYRPLAR

**Annagözel Abdyýewa / Sen gitdiñ**

Sen gitdiñ baharyñ bir pursaty deý,
Töweregi ümsümlige öwürip.
Ýap-ýaňy gül açan arzuwlarymyñ
Gitdiñ sen baryny ýele sowuryp.

Men bolsa henizem durun şo ýerde,
El üzen arzuwmyñ yzyndan garap.
Şemal gursagyma guýýar giñligi,
Ýüpek saçlarymyñ taryny darap.

(«Sowet Türkmenistanynyñ aýallary», 1984, N-2.).

* * *

**Annabibi Hydyrgulyýewa / Sen gitdiñ**

Sen gitdiñ ýazlaryñ bir pursaty deý,
Töweregi ümsümlige öwürip.
Ýaňy gunçasyn açan arzuwlarymyñ
Gitdiñ sen baryny ýele sowuryp.

Men bolsa garaşyp durun şo ýerde,
El üzen arzuwmyñ yzyndan garap.
Şemal gursagyma guýýar giñligi,
Gara saçlarymyñ tarlaryn darap.

(«Sowet Türkmenistanynyñ aýallary», 1986, N-1.).

Gyrp-çyrpyñ üstüni açan: Çary SARYÝEW,
Murgap raýonyndaky 30-njy orta mekdebiñ türkmen dili we edebiýaty mugallymy.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1987 ý. Goşgular